# Bagtyň bahasy

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bagtyň bahasy BAGTYŇ BAHASY

Siz ýaşap ýören bagtly durmuşyňyzyň gadyr-gymmaty hakda pikir edip gördüňizmi?

Ýatara-turara jaýyň, demiňi-dynjyňy alara öýüň, ojagyňda gaýnap duran naharly gazanyň, öýüňde ýorgan-düşegiň, egniňde birlaý egin-eşigiň bar bolsa, onda sen baýsyň.

Kisäňde geregiňi alara puluň, sandygyňda günüňi aýlara gazanjyň bar bolsa we şonuň ujundan hem gyssagly günüň üçin az-owlak süýşürip bilýän bolsaň, onda sen baýlaryň birisiň.

Bu gün irden sag-aman ören bolsaňyz, siz uly nygmata eýesiňiz.

Öý-iliňiz abadan, ýurduňyz asuda bolsa, uruş tüssesi gözüňizi awatmadyk, pitne gowgasy ýüregiňizi ajatmadyk bolsa, garaňky zyndanlarda tenhalyk tagamyny datmadyk bolsaňyz, onda siz bagtlysyňyz.

Mekdeplerde ine-gana bilim alýan bolsaňyz, metjitlerde arkaýyn namaz okaýan bolsaňyz, ýolda-yzda her kesden arkaýyn gezýän bolsaňyz, nähak daralma gorkusy ýok bolsa, onda siz bagtlysyňyz.

Ene-atalaryňyz, çagalaryňyz, maşgalaňyz bilen bir ojakdan agzybir örýän bolsaňyz, onda siz Biribaryň ýalkan bendeleriniň birisiňiz.

Ýürekden ýylgyryp bilýän bolsaňyz, nygmata şükür edýän bolsaňyz, diýmek, siz tapylgysyz nygmatyň başynda otyrsyňyz. Dünýäde millionlarça adam, bu ýagdaýy islese-de, başaryp bilýän däldir.

Siz ýene-de köp zatlar hakda oýlanyp, näderejede uly

bagtlydygyňyza göz ýetirip bilersiňiz.

Eger şu ýazgylary okan we oňa düşünen bolsaňyz, onda siz «okamak we düşünmek» diýen iki sany uly nygmata eýesiňiz. Eger siz şu ýazgylary okan bolsaňyz, onda dünýädäki okap-ýazyp bilmeýän adamlardan bagtlydygyňyzy ýadyňyzdan çykarmaň!

Çeşme: Rahmet Gylyjow, «Halallyk kyssalary»

*Çeşmesi: https://www.ylymly.com/2022/07/03/bagtyn-bahasy/. 27.10.2022ý.* Oýlanmalar